# Uly garpyşyk

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 23 января, 2025
Uly garpyşyk ULY GARPYŞYK

“JP Morgan”-yň ady ony guranyň ady bilen baglanyşykly: Jon Pierpont Morgan (1837-1913)
“Cedar Hill” gonamçylygyndaky (Hartford, Konnektikut ştaty) gubury Hezreti Musanyň (a.s) “Äht sandygynyň” biçüwindedir. Onuň maşgala agzalarynyň köpüsiniň mazary şu ýerde…
Uelsli göçegçi Morganlar 1636-njy ýylda Amerika geldi…
Kakadylan iýmiş söwdasynyň başyny başlap ilkinji telekeçilik işini ýola goýan atasy Junius Spenser Morgan (1813-1890). Şereketiň başky ady hem “JS Morgan”…
ABŞ-nyň graždanlyk urşunyň başlamagy bilen “bankirlik dinastiýasyny” gurdular…
Onuň ogly J.Pierpont Morgan köp sanly sosial-söwda klubynyňam agzasydy. Amerikan tüçjarlarynyň agzalyk edýä n “Birleşik” ligasyny, Nýu-Ýorkuň ýahta klubyny, “Knickerbocker” klubyny we ahyrynda 1891-nji ýylda öz klubyny-da gurdy: “Metropolitan” kluby… (Klubyň “gara galstuklylar ýygnagy” meşhurdyr.)
Bularyň düýbünde pul gatnaşygy baram bolsa, beýleki bir tarapdan garyp ýewropalylaryň baýlaşdyran Amerikasynda “aristokrat” statusyny edinmek üçin jan edýärdiler!
JP Morganlaryň soň onuň adyny göterýän ogullary JP Morgan Jr (1867-1943) we –garry atasynyň adyny göterýän JS Morgan III (1892-1960) işleri dowam etdi. Dowamdy-da geldi…
Häzir Morganlar maşgalasynyň 119 milliard dollara barabardygy aýdylýar. Şereketiň býužeti bolsa Rokfelleriň şärikdeşliginde 3 trillion dollar!
Maşgala ilki başlangyç-höwesjeň tertipde, soňra ymykly ýagdaýda sport pudagyna düýpli maýa goýumlaryny goýmagyň amatly mümkinçilikleri bilen gyzyklandy.
Geleliň olaryň “Ýewropanyň saýlama ligasy” maksatnamasyna…

■ **KESGITLEÝJI ŞAHS**

Arlen Kantarýan…
ABŞ-da “NFL”, “Radio City Music Hall” we “US Tennis Association” sport we medeni guramalaryň telekeçilik işlerine hem-de medeni-köpçülikleýin çärelerine guramaçylyk etdi.
Ogly Brýan Kantarýan çagalykdan kakasynyň ýanynda işledi. (Olam kakasy ýaly Jorjtaun uniwersitetini tamamlady.)
Sport bilen içgin gyzyklanýan Brýan kantarýan Jorjtaundan “Velocity Sports”-a goşuldy. Emma ony esasy gyzyklandyrýan zat “sport telekeçiligidi”. Ol türgendir klubyň düşüwüntlisini gowy görýärdi!
Şu pikir bilen JP Morganlaryň gapysyny kakdy.olara işe girdi.
Tutanýerli Kantarýan hususy banklaryň sport bilen gyzyklanýan müşderileri bilen çalt aragatnaşyga girdi. Klublaryň stadion gurluşygyna karz pul kömegini etdi.
Kantarýan banka ýerleşenine iki ýyl geçen badyna 2010-njy ýylda (90-njy ýyllaryň ahyrlarynda gurlan) “JP Morgan Sports Finance Group” şereketiniň başlygy boldy! Şol wagt otuz ýedi ýaşyndady…
Ol häzirem şol işinde hususy gatnaşyklary alyp barýar. Mysal üçin… Amerikan futbol topary “Los Angeles Rams”-yň we basketbol topary “Denver Nuggets”-iň başlygy-dünýäniň az sanly multimilliarderlerinden Stenli “Stan” Kroenke bilen 2 milliard dollarlyk kredit şertnamasyny baglaşdy. (Kroenke 2018-nji ýylda iňlisleriň “Arsenal”yň hojaýyny boldy. “Arsenal’ şobada JP Morganyň döreden “Ýewropanyň saýlama ligasyna” goşulan ilkinji topar boldy duruberdi!)
Kantarýan geçen ýyl açylan “California SoFi Stadyum” ýaly birnäçe stadionlaryň gurluşygyna maýa goýumlaryny goýdy.
Ahyrynda JP Morganyň ýigrimi ýyl bäri tegelek stoluň üstünde wagty-sagadyna garaşyp ýatan “Ýewropanyň saýlama ligasy” meýilnamasyny herekete girizdi…

## ■ ILKINJI GELIŞI DÄL

Futbol başlyklaýyn sport pudagy teleýaýlymda görkeziliş şertnamalary bilen milliardlarça adama elýeterli bolansoň, ummasyz uly bazara öwrüldi. Bazaryň geriminiň barha ulalmagy

hususy maýadarlary, döwlet fondlaryny we kredit bermäge islegli bankirleri özüne çekdi.
Hawa, bularyň birem “Rockefeller” şärikdeşli “JP Morgan Chase”-dy.
Ol şonsuzam ABŞ-da sport pudagy bilen ýakyndan baglanyşykly: “NY Giants”, “NY Jets” amerikan futboly (regbi), “Knicks” ýaly basketbol, “Yankees”, “NY Mets” ýaly beýsbol “NYCFC” futbol toparlarynyň maýa goýumlaryny dolandyrýar.
Ýewropada-da gyzyklanýan toparlary bar: meselem, Şotlandiýanyň “Rangers” topary… Ýagny Ýewropa täze gadam basanok diýen ýaly… Fransiýanyň “Lille” topary bilen gatnaşygynyň üstünde-de düýn durup geçipdim.
Göz görnüp duran bu täze ýagdaý ABŞ bilen Ýewropanyň sermaýasyny futbolyň üstünden biri-birine garşy goýdy. Nemesler we fransuzlar JP Morganyň meýilnamasyna nämüçin sowuk-sala garaýar?
Fransuz klublarynyň kese ýerli hojaýynlary ýurduň hökümetine gulak asarmyka? Iňlis klublarynyň-a Ýewropanyň amerikan sermaýasy bilen ilteşikli klublary öz janköýerleriniň raýyny ýykyp “Ýewropanyň saýlama ligasyna” goşulyp gidenine şaýatlyk etdik…
JP Morganyň ýanyndaky global mediýa düýn bankyň birinji tapgyrda 3,8 milliard dollary bölüp berendigini ýazdy. Klublara 200-300 million euro “hoş geldiň-sapa geldiň bonusyny” wada berlipdir. “Mançester Ýunaýtediň” we “Ýuwentusyň” aksiýalarynyň düýn artmagynyň sebäbi-de bu baradaky habarlardy.
Futbol duşuşyklaryny efire bermek üçin “Amazon”, “Facebook”, “Disney” bilen gepleşik geçirilýändigi-de ýazyldy.
Netijede: futbol ykdysadyýetini bilmezden üýtgeşmeleri analizlemek mümkin däl.

Soner ÝALÇYN.

“SÖZCÜ” gazeti, 21.04.2021 ý. Sport we turizm